# Şükranalyk

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şükranalyk ŞÜKRANALYK

*«Oñarsañ bar zady oñatlyga ýor»*
*Gurbannazar EZIZOW.*

Gürrüñe girişdim Gurbannazaryñ
şygar edinerlik sözleri bilen,
tapan pikirlerni durman ýazanyñ
nusgalyk – irginsiz gözlegi bilen.

ýogsa bizem dürli goşgular bilen
okyjylañ nazaryna kän ildik.
Ykrar edilme ýok boş gylaw bilen
düýpli pikir talap edýär – kämillik.

Ikimiz hakynda däldir bu goşgy
il derdine derman pikirler hakda.
gussalary serpikdirip,
ýuwaşja,
pytradyp goýberjek şükürler hakda.

Synlap düşünmeli synçylygymdan,
dogrusy,
ýüregim ýadabam barýa.
…Dünýäniñ dowamly kynçylygyndan
bir gez ýokkarakdan – şat adam barýa.

Ol ýylgyryp barýar,
Uýýar mähelle,
ýylgyrýan ýakymly dünýäli bolar.
Şu gün säher ýarlyk aldym şäherden:
«**ÝYLGYRYÑ,** …hemme zat gül ýaly bolar!»

@ Aşyrmät GARLY. Goşgular